# Körsagyrda bolan waka / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Körsagyrda bolan waka / hekaýa KÖRSAGYRDA BOLAN WAKA

1940-njy ýylyň gyş aýlarydy. Kolhozyň toýnak şekilinde salnan däne hem-de gaýry emlägi saklanylýan jaýynyň ileri tarapy kiçeňräk howly bilen gabsalgydy. Garawulyň hütdük ýaly jaýy skladyň hatar jaýlarynyň çat maňlaýynda keserip durdy. Onuň pessejik gapysam, kiçijik aýnasam sklada tarapdy. Jaýyň içi gor ýalydy. Demir peç gyzyl köz bolup durdy. Peçiň turbalary täze arassalanan bolara çemeli, tüsse zogdurylyp asmana galýardy.
Agşamarady. Howa şeýle bir sowuk bolmasa-da, gury aýaz ýüzüňi ýalaýardy. Garyň ysy gelýärdi. Egni köne içmekli, aýagy çarykly daýawlaç, saryýagyz Meret aga öz işi bilen gümra bolup otyrka daşardan aýak sesi eşidildi.
Uzyn günki hysyrdydan birneme ýadan ýaşuly dynç almak maksady bilen peçiň alkymyndaky gara kündügi suwdan dolduryp, peçde oturtdy.
Şol mahal jaýyň ozaldanam çalarak açyk gapysy jygyldap gitdi. Meret aga salam berip gapydan giren pyýadanyň kimdigini badabat aňşyrmady. Ýöne garaşylmadyk myhman dilewarlyk eden bolup, turuwdan ýürege düşdi.
— Saglykmy, saglyk-gurgunlykmy, sakgaldaş? Çagalar, içiň-daşyň hemmesi gurgunmy? — diýip, üsti-üstüne suňşuryşdyryp ugrady.
Köneje çäýneginiň jüründigini arassalap oturan Meret aga gapydan gireniň Suhan pälwandygyny söz urşundan bilip otyrdy. Suhanyň ýeňse gatadyjy biderek ýuwan sözleri Meret aga ýaramasa-da, ol göwrümini giň tutdy.
— Gel, Suhan pälwan, geçeweri! Gurgunçylykmy? Ne giçläpsiň, keýpinemi? — diýip, sypaýyçylygy elden bermedi.
— Hawa-la, keýpine-le, bir eňekleşeýin diýip, sowlaýdym — diýdi-de gapynyň agzynda duran eýer-esbaplaryň üstine çökdi.

– Meret aga, çaý gaýnadynjak bolýarmyň?
– Aý, maksad-a şol! Başaryp bolsa.
– Menem seň ýanyňa derdinişeýin diýip gaýdyberdim – diýip, ol ýene-de sözüniň yzyny ýuwutdy. Hiç zady göwnüne alman oturan Meret aga gaýnan kündügi peçiň üstünden düşürdi-de, çäýnegini doldurdy. Suhan pälwan ýene-de bir zat diýjek boldy, öňe omzady.
…Meret aga çagyrylmadyk myhmana birhili şübheli garap başlady. Ol bu gürrüňleriň yzynyň çöpi bar ýaly duýýardy. Asyl häzir Suhan pälwanyň ugry gaçypdy. Emma şonda-da onuň dili dek duranokdy, lemmirdewik sesi bilen ýürege düşüp otyrdy. Meret aga daş çykyp geljek bahanasy bilen sklad tamlaryny barlaşdyryp geldi, açyklygyny, ýapyklygyny bilmek üçin gulplaryny çekişdiribem gördi.
Meret aga daş çykyp geleninde, Suhan pälwan onuň ýüzüne çiňerilip seretdi:
– Meret aga, çaýyň-a gaýnady öýdýän, lakyrdysy-a artdy.
– Lakyrdysy artan bolsa, ony demläýeris, Suhan. Saňa-da bir çäýnejik demläýeýinmi?
– Demläý demleseň. Gürrüň başydyr-da. Men-ä, Meret aga, seniň ýanyňa günümden zeýrenmäge geldim. Işlänem bolýan, aýalym işleýär. Är-heleý ikimizem çyr-çytyr gazanç etjek bolýas. Maşgalamyzam uly däl, aglak. Ýekeje dogmamyz bilen birje salatymyz bar. Onda-da bir meňki bolsun diýen ýaly ýaşaýşymyz ýok.
Meret aga ýüzüni çytybraga-da, çäýneklere çaý demleşdirdi: birini myhmana uzadyp, beýlekisinem öz öňüne çekdi. Onuň gaharynyň gelenini Suhan pälwan aňmady. Meret aga-da gaharyny oňa duýdurjak bolup durmady. Şol köne endigine görä, gepiniň yzyny ýetirdi:
– Ýeri Pälwan, baý bolasyň gelýärmi? Baýlyk adamynyň janynyň ganymydyr. Şony ýadyňdan çykarma! Adam näçe baý boldugyça-da, gysgançlygy artarmyş. Adamyň isleginiň aňyrsyna ýetme ýokdur. Günüň gowja geçýär. Gowy maşgalaň bar. Bulagaýragam bolsalar dogumly-dogumly aga-inileriň bar. Menden akyl sorasaň, saňa bir maslahat bereýin. Saňa oba adamlary «ak suwdan» gananok diýýärler. Ol zat adamyny sandan çykarar. Seniň «ak suwdan»

beýle emleşiň bilen saňa bujagaz günüňem köpdür… Ata şelpän-ä tanaýansyň? – diýip, Meret aga özi hem duýman, gaýralygyna elini uzatdy. – Şol biriniň ýeke ogludy. Ýaş ýigitkä bir syratly gözel ýigitdi. Erkek adamlaram Atanyň syratyna höwesekdiler, diýseň owadandy, gözel ýigitdi. Obanyň gyzlary şonuň üstünde gyrda-pyrdylar. Özem toýlarda, uly göreşlere çykyp ýören adamdy. Soň seniň öwrenen «suwuňy» öwrendi. Işi gaýtdy, häzir Ata şol öňki höwes bolup ýören gyzlaryň birem şoňa durmuşa çykmanyna ökünýän däl bolsa gerek. Ana, saňa aragyň nähili gylygynyň bardygyny aýdyp berdim. Onuň üstesine-de, nas atýarsyň. Ýeri, şu nas atmaňy bir goýaýsaň bolmadymy? Indi ýaşyňam-a bir çene barypdyr! – diýip, Meret aga Suhan pälwanyň gözlerine çynlakaý seretdi.
– Aý, hawa, dogry, Meret aga, meniň özümem şu nas atmagy gowy göremok. Özem hapa zat. Şony agzyma atanymdan soň özümem ýigrenip, tiz tüýkürýärin welin, bolsa-da ataýýan-da – diýip, çyn ýürekden berlen maslahaty suwjuk bir ýaňsylama öwürdi.
– Hany, Pälwan, sen çaýyňy iç-de otur. Men bir tamlaryň töweregine aýlanyp geleýin – diýip, Meret aga daş çykdy. Içerde Suhan pälwanyň ýeke özi galdy. Ol «Şindiz-ä wagt bar, olaram ýarygijäniň töweregini sermäp gelmelidir. Bu zalymam-a gaty biynjalyk, sak adam. Meniň bu edýän gürrüňlerimem-ä munuň göwnünden turmady. Indi men muny näme bilen güýmärkäm? – diýip, öz içinden pikir öwürýärdi.
Meret aga göwnüne şübhe gidýän ýerlere aýlanyp, ahyrda başlygyň oturan gaýraky kabinetine baryp gelmegi ýüregine düwdi. Ýöne öz-özüne: «Aý, onda näme bar, bir-iki sany gaty stol bilen bäş-alty oturgyç bolaýmasa, olaram kime gerek? Bu gün kassyrymyzam-a pul alyp bilmän gelipdir. Pul getiräýende-de, biziň kassamyz ynha bu içki tam ahyryn –diýip, içini gepletdi-de, ýene yzyna, garawul jaýyna gaýtdy. Ýolda gelýärkä Meret agaň göwnüne bolmasa iki sany şübheli gara geçip barýan ýaly boldy. Onda-da Meret aga: «Uly ýolda gatnaw azmy näme? Olaryň näme dahyly bar» diýip, öz-özüne göwünlik berdi. Ol gapydan ätläp-ätlemänkä:
– Pälwan otyrmyň? – diýdi.
Öz pikiri bilen gümra bolup oturan Suhan pälwan birden

tisginip gitdi. Aljyrady.
– Hä-ä – diýeninde, onuň pöňňürdewik ýognas sesi sandyrap çykdy. Ýene-de ýürek howsalasyny bildirmejek bolup, gürrüňi başga zada syrykdyrdy. Ol bu saparky tapan gürrüňine öz ýanyndan az begenmedi.
Bolsa-da Meret aganyň göwnünden turaýsam gerek di- ýip çaklady.
– Meret aga, alan aýalyň öňki çagalaryňa rahady ýagşymy? Şirin pahyram alty çagany dökdi-de gidiberdi. Pahyry näçe ýaş etdiler?
– Aý, şo ösdürimi bilen kyrk üç ýaş töweregi dagy edäýdiler öýdýän.
– Ogluň ýeke-de, galany gyz bolsa gerek? «Iki aýakly iki günde» diýipdirler, ynha, haý diýmän, olaram uly adam bolar. Ýöne öweý eje bolanda maşgalada oňşuk kynrag-a bolýandyr. Soňky gelen bende ganymadrak bolsa-ha, çagajyklaryň ýetimligem bildirip duranok. Ýöne olam adamsyna bagly-da. Maňa Atahan erkeç öweý ene barada bir gürrüň edip beripdi. Ýazmyrat arçyn diýip eşidipmidiňiz?
– Hawa, eşidipdik.
– Şolam öweý ejäň elinde ulalan bolara çemeli. Meniň eşidişime, şol daş ýurda okuwa gidipmi ýa-da gezelenje gidipmi, bilmedim. Ýöne dolanyp gelende, barly adam bolara çemeli, dost-ýarlaryny çagyryp, uly märeke sowanmyş. Barly adamynyň hormatlanyşam bir aýry bolýar-da. Ýazmyradyň çen edişi ýalam bolupdyr. Aý, ony garşylan dost-ýarlarynyň sany ep-esli bolupdyr. Obalarda tam diýen zat şol wagtlarda örän seýrek ekeni. Ýazmyradyň uly bir otagynda adamlar üýşüp, onuň daş ýerlerde görüp-eşiden zatlary barada gürrüňini diňleşip otyrlar eken. Bir gazanda işegiň eti gaýnap dursa, beýlekisinde palaw buglanyp dur diýýär. Bu ýagdaýdan Ýazmyradyň keýpi kök bolara çemeli. Ine, şol halatda Ýazmyradyň öweý enesi, işikden kellesini içerik uzadyp, märekäniň ortarasynda keýpihon bolup oturan Ýazmyrada ýüzlenip: «Wiý, Ýazmyrat, bu näme etdigiň, adamlary daşyňa üýşürip, güberlip otyrsyň, öýde ýeke atym çaýam galmandyr. Men indi şony nirden tapaýyň, iňrik bolsa garalypdyr» diýip,

Ýazmyrady utandyranmyş. Meret aga, şol Ýazmyradyň öz ejesi bolsa heý şeýdermidi? Elbetde, etmezdi. Ýazmyradyň öz deň-duşynyň ýanynda ýüzüni gyzardarmydy? Ýazmyrat ýaly adamlar üçin atmaga çaýyň dagyň gürrüňi bolarmy? Onsoňam bir giden küren obaň içinde kimiň gapysyndan baranyňda bir atym çaý bermejek diýsene. Soň soňlaram Ýazmyrat «öweý ejäň gowusy biziň ejeligimiz ýalydyr» diýip degşer ýörerdi.
– Aý, Pälwan, öweýiň hemmesi beýle-de däldir-le. Dogran enesindenem ýakymlysy bolýar.
Bu sapar Suhan pälwanyň atan oky nyşana degdi. Şondan soň Meret aga-da känbir daşaryk çykyp durmady. Meret aga ýoldaşynyň näme maksat bilen beýle gürrüňleriň başyny agyrdýandygyny bilmese-de ýumşady. Başdaşyny ýatlady, azrak hapa bolmanam durmady:
– Onsoňam, Pälwan, «el egri bitmek üçin döwülýändirem» diýipdirler. Näsazlyk bolmajak bolsa, çagajyklaryň eneleri gidesi ýok-la.
Suhan pälwanyň dili gijäp barýardy. Ol gürrüňdeşiniň sözüniň yzyny alyp göterdi.
– Meret aga diýýän-ä, sen şol Ýaýla obasyndaky Nurça perreň diýilýän çuwal gyzyň oba jahyllaryny Gyrgyna getirişi baradaky gürrüňini eşidipmidiň? Aý, öz-ä edepli gyz eken-ow. Bir entek biziň ýaly erkek adamlardan-a edepli ekeni. Ýöne weli, Magtymguly hanam-a parasatly ýigit ekeni. Ýeke şol aldatdyrmandyr diýýärler. Nurça perreň Magtymgulydan asgynlap, ahyry şoňa barmaly bolaýypdyr öýdýän? Nurça biziň ýaly oýnatgyrak ýigit daşynda pyrlanyberse, ondan basgy tapman, gaýta: «Eý, gerçek, seniň meni çyn ýürekden söýýäniňe ynanýan. Ýöne seniň üçin ýene-de bir synag, olam bolsa, şu gün meniň bilen bir ýorganda gymyldaman ýatyp daňyňy atyryp bilseň, men seniňki diýip aýdar ekeni. Ol paňkelle görgülilerem daňa çenli gymyldaman ýatjak bolup, azara galar ekenler. Ertesi ol gymyldaman ýatyp bilen ýigitlere: «Menden närazy bolma, jora, iki aýalyň bir ýorganda işi ýok» diýip, rugsadyny berer ekeni. Haý, öz-ä zor gyz bolara çemeli – diýip, Suhan pälwan Meret aganyň özi hakdaky pikirini biljek bolýan ýaly, onuň ýüzüne çiňerilip seretdi. Üýtgeşik zat aňmansoň, Suhan pälwan ýene-de

gürrüňini dowam etdi. — Sen şo gyz hakynda, Meret aga, ozalam eşidipmidiň?
— Aý, çalarag-a eşidipdim.
— Ol gyz perreňlerde bir gurply adamyň ýeke gyzy eken. Ol şeýle bir görmegeý, daýaw, edermen gyz bolupdyr. Özem kakasynyň ýeke perzendi ekeni. Oňa kakasy «Nurçam, meniň ýurt oglumdyr. Meniň ony birine berip goýbermäge bognum ysjak däl!» diýip, ony hiç kime durmuşa çykarmazdan ýigrimi bäş ýaşadypdyr. Ahyry bir uly baýyň on alty ýaşly ogluna beripdirler. Emma ýigit Nurça öýlenenden soň, tiz wagtda tarpa-taýyn aradan çykypdyr. Nurça bolsa çuwalgyzlygyna dul galypdyr. Baý öz ogly ölenden soň, elden gidermejek bolup sekiz ýaşly kiçi ogluna dakjak bolup, Öwelek işany iki sany pyýada kazysy bilen nika gyýdyrmaga çagyrypdyr. Öwelek işan Nurçadan razylygyny soranda: «Işan aga, ýigrimi bäş ýaşly gelin bilen sekiz ýaşly oglanjygyň oýny deň geler öýtseňiz, nikaňyzy gyýyberiň!» diýip, pert jogap berenmiş. Baý aňk-taňk bolup galanmyşyn. Öwelek işanam Nurçanyň razylygyny soramasa-da soramazdy weli, Nurçanyň kakasy örän barly adam ekeni. Ine, edil şol günüň ertesi baý özüniň diýeni bolmajagyny aňyp: «Oglumy görmedik gözlerim onuň gelninem görmesin» diýip, Nurçany atasy öýüne getirip gidýär. Bu wakadan soň Nurça kakasyna: «Kaka, indi siz hudaýyň haky üçin meniň ugrumy idemäň? Men kimi halasam. şoňa-da gideýin!» diýipdir. Kakasy Nurçany gaty gowy göreni üçin, onuň paýhasly edermenligini göz öňünde tutup: «Gyzym, öz eliň, öz, ýakaň, isleseň halanyňa bar, islemeseňem meniň ýanymda otyr. Sen meniň oglumam, gyzymam, gözümiň üstünde ornuň bar. Seniň meniň abraýyma çigit ýalyjagam zeper ýetirmejegiňe ynanýaryn!» diýip, gyzyna rugsat beripdir.
Meret aga sowukganlylyk bilen jogap berdi:
— Aý, näbileýin, Pälwan! Ilde gürrüň gytmy näme. Edenlilik tarapdan erkeg-u, aýal-u bir gowy iş bitirip, halkyň agzyna düşüp ugradymy, onsoň gutardygy. Oňarmadyk işiňem oňardy edip, artykmajy bilen seniň üstüňe ýükleýärler. Bir ýaramaz işiň gapdalynda göründiňmi, ana, onsoňam gutardygyň. Käbir agzy ýelliler ol adama her hili myjabatlary ýükleşdirip, itden

egsik edýärler. Ýöne türkmeniň ikimiz ýaly boz oglanlaryna halkyň ortarak gürpünde bolmaklyk başartsa-da bolar. Onsoňam, Pälwan, aýal diýip zenan maşgalany äsgermezlik etmeli däldir. Kim-de kim «heý; ol-a aýaldyr, onuň elinden näme geler» diýip, kem baha beräýse, ol adamynyň samsyklyk etdigidir. Alamançylyk zamanynda edermen aýallaryňam duşman bilen erkeklerden birjik-de gaýra durman gylyçlaşanlaryny öz ýaşulularymyzdan eşidendiris. Häzir kolhozda-da olar erkeklerden kem işlänoklar – diýip, Meret aga çaýynyň soňuny käsesine sarkyrdy.

Diňe aradan birnäçe wagt geçenden soň, Meret aga ýoldaşynyň Nurça perreň, Ýazmyrat arçyn baradaky köne bir wakany süýjüdip, süýjüdip gürrüň bermeginiň sebäbine oňly düşünmän, daş çykdy.

Ol ýene-de bir gezek tamlaryň gulplaryny barlaşdyrdy. Ýüpünden boşap, howludaky sygyrlary ibirtde-zibirt edişdirip ýören adamçy öküzi haýbat bilen zordan tama salyp, onuň agzyny mäkäm petikledi. Gapyň daşyndanam goşýumruk ýaly, gara gulpy asdy. Aýlaň-çaýlaň edip, garawul tamyna dolanyp gelse, hälki çaý içip arkaýyn oturan Suhan pälwan bir ýerik zym uçan ýaly bolupdyr. Käsesine guýan çaýyny-da içmändir. Häliden bäri arkaýyn oturan adamynyň birden gürüm-jürüm bolaýmagy Meret aganyň göwnünde birhili çiglik döretdi. Ýüregine howsala düşen goja öňki aýlanyşy ýaly, sklad tamlaryna ýene-de bir gezek ser salyp, gulplaryny çekişdirip çykdy. Emma öňki-öňkülik, hemme zatlar ýerli ýerinde.

Be, bu Suhan pälwanyň gitjek, beýleki diýmän birden gopuberşi nämäniň yşaratyka? Hany, men başlygyň oturýan gaýraky jaýyna-da bir baraýyn. Olam öňki durşy bolsa, onda göwnüm jaý boljak diýip, şol diýýän jaýyna tarap howlukmaçlyk bilen ugrady. Baryp görse, kabinetiň agzy haňlap ýatyr. Meret aga tama kürsäp urdy-da, çoýun seýfiň açylanyny-açylmanyny garaňkyda sypap gördi. Görse, bu-da öňki durşy ýaly. Gapynyň agzyragynda duran äpet agaç sandyk weli ýerinde ýok. «Bu näme boldugyka? Ýa munuň içinde bir zat bardyr öýdüp, göterip ötägitdilermikä? Aý, onuň içinde-hä, hiç zat goýulmandygyny özümem birnäçe sapar görüpdim – diýip, öz-özüne göwünlik berdi. Emma ýüregi ynjalmady, tamyň daş-töweregine aýlanyp çykdy. Diňşirgäp

durdy. Emma ses-üýn, çybşyldy gulagyna ilmedi. Üç-dört gün bu wakanyň öňüsyrasynda Sypanyň kassire: «Sen şu çoýun seýfiň açaryny maňa ber. Men onuň içine kolhozyň möhürini, geregräk dokumentlerini saljak. Seýfiň içinde başga odur-buduryň bar bolsa, ýa-da bankdan pul alsaň, häzirlikçe şol agaç sandyga salaý, ýagy iýesi ýok» diýip, onuň elinden çoýun seýfiň açaryny alandygyndan Meret aganyň habary ýokdy.
— Nätsemkäm? — diýip, göwrümine az wagt geňeşip durdy-da, sklad tamlarynyň gündogar tarapynda ýaşaýan Muhammetnazar agalara tarap ylgaşlap gitdi. Barsa Muhammetnazar agalar heniz ýatman ekeni, maşgalalary bilen pagta gozasyny ardyp otyrlar.
— Giç ýagşy, sakgaldaş! Tüweleme, henizem ýatmansyňyz-ow! Kolhoza pagtany köp berjegiň çynyň-ow! Gaty gowy zat — diýip, Meret aga howlugyp duranam bolsa syr bildirmän gepledi.
— Aý, hawa, Meret, pagta-da bir gowy zat. Muny döwlete köpräk berip bilsek, özümizem döwletden köpräk zat alarys. Ne giçläpsiňle? Geç ýokaryk, ynha çaýjagaz içeris! Peçiň üstünde kitir şyglap otyr!
— Hany, Muhammetnazar, bir daş çyk! Maslahatym bar — diýip, Meret aga gönüledi, Muhammetnazar aga donuny ýasgynjak atynyp, Meret aganyň yzy bilen daş çykdy. — Muhammetnazar, meňä işimi gaýtardylar öýdýän, sklady ýarypdyrlar — diýip, Meret aga birden aýtdy.
Onuň sakgaly sandyrap gitdi.
— Ol näme boldugy? Heý, beýle-de bir zat bolarmy?
— Aý, bilmedim, Muhammetnazar. Ýöne sen çagalaryňy gorkuzma-da, men gelýänçäm skladlara göz bol! Men wakany başlyga, beýleki kolhoz aktiwlerine duýduryşdyraýyn!
— Bolýar, yzyňdan arkaýyn bolaý. Ýet! Meret aga ilki bilen kolhozyň buhgalterini turuzdy.
Soň ylgawyny ýazdyrman, obanyň gaýra başynda ýaşaýan Sypanyň gapysyny kakdy. Emma wagty bilen içerden ses-üýn çykmady. Göýä tamyň içinde janly-jemende ýok ýalydy. Gapy ýene-de batly-batly kakyldy. Ahyrynda gapyny etli-ganly bir görmegeý gelin açdy. Bu gelniň Sypanyň gelnidigini Meret aga gören badyna tanady.
Sypany turuzjak bolup gelnem, Meret aga-da birnäçe gezek ony

yraladylar. Emma Sypa turar ýerde turmady. Onuň ýatyşy örän berkdi. Asyl ol aýagyndan çokaýyny-da çykarmaga ýetişmändir. Sypanyň çenden gaty uklap ýatyşy, onda-da aýakgabyny çykarman ýatyşy Meret aganyň göwnünde bir şübhe döretdi.

Sypa dyngysyz ady tutulyp, birnäçe gezek yralanandan soň, kellesini bir galdyrdy-da, henizem ukudan gowy açylmadyk adam bolan bolup:

— Sygryň garny ýarylypdyr diýdiňizmi? Ölerlimi ýa-da dikip boljakmy? — diýen boldy-da, başga-da bir düşnüksiz zatlary samrap ugrady. Meret aganyň Sypanyň bu bolşuna gahary geldi.

— Sypa, oýun etme! Men seniň ýanyňa bälçireşmäge gelmedim. Başlygymyz bolanyň üçin geldim. Ýogsa häzir seniň gapyňdan seretjek däl. Seniň oturýan jaýyňdaky uly agaç sandygy alyp gidipdirler. Şonuň içinde heý bir zat barmydy? — diýip, soragly nazaryny henizem gözlerini owkalaşdyran bolup oturan Sypa dikdi.

— Men-ä bilmedim — diýip, Sypa ýaňy ukudan turan adam bolan bolup, uludan pallady, gerindi, ýene-de gözlerini owkalaşdyrdy. Ýöne gözleri uklanyň gözüne düýpden meňzemeýärdi. Meret aganyň aýdýan zatlary bilen Sypanyň seri ýokdy. Gulagyna ilmeýän ýalydy. Gaýta sandyk ogurlanypdyr diýen söz gulagyna iňňe ogurlanypdyr diýen sözden geň eşidilmedi.

— Meniň gozalaryň ardylyşyny barlap, kolhozçylaryň öýlerine öýbe-öý aýlanyp, ýaňy gelip ýatyşym. Çokaýymy çykarmaga-da ýaltanyp, şol durşuma gyşaraýypdyryn — diýip, başdan özüni aklamak bilen boldy. Ol diňe şondan soň Meret aganyň sowallaryna jogap gaýtardy.

— Meret aga, onuň ýaly bolsa, sen bar-da kassiri turuz. Belkäm, ol agaç sandykda hiç zat hem ýokdur! — diýip, ör-boýuna galdy.

Meret aga ylgawyny bozman kassirlere barsa, onuň hem ýatyşy Sypanyňkyça bardy. Top ataýsaňam sarsar ýaly däldi. Aý, garaz nätjek, Meret aga ondan-oňa ylgaşlap, daňy mazalyja atyrdy. Yzçy doganlar Annaberdi bilen Orazberdi Meret aganyň dadyna ýetäýdi. Olar yzy göni Sypalaryň öýüne eltdiler-de, kürtdürip durdular. Ahyry olaryň biri:

— Ogrularyň ikisem şu öýde — diýdi-de: «Dur, ine öýden çykyp giden yzlaram bar» diýdi. Şol wagt Sypa geldi. Ol yzçylary görüp duw-ak boldy.
Abraýyň barka keçäni ber. Ýüzük sende, ýoldaşyňam özüň aýdarsyň. Biz indi ony gözläbem durjak däl, häý bigaýrat! — diýip, Meret aga yzçy ýigitler bilen bileleşip, onuň elini arkasynda daňdy.

* * *

Şol günleri ýadyna salanda, henizem Meret aganyň endam-jany dyglap gidýär. Mert adamlary hakydasyna getireninde, onuň ýüregine üýtgeşik bir mähir, kuwwat inýär. Käbir namart adamlary ýatlanynda bolsa ýigrenji artýar. Meret aga käte gumaksy ýoly syryp, çowluk-ýuwluklary bilen öz goraýan üzümçiligine tarap barýarka öz içinden: «Ah, biynsap gurrumsaklar, heý beýle-de wyždansyzlyk bolarmy?» diýenini duýman galýar. Kä wagtlar bolsa içinden däl-de, daşyndan hem samrap goýberýän wagtlary az däl. Şonda onuň donunyň syýyndan ýapyşyp barýan çowluk-ýuwluklary: «Ata, ata, näme diýýäň? diýip soraýarlar. Goja bolsa «Hiç zat, hiç zat!» diýip, olaryň maňlaýyndan sypalaýar-da, ýoluny dowam etdirýär.

Hojanyýaz AMANOW. Hekaýalar